# Andreý Platonow: Siz az söýýäñiz, az görýäñiz

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Andreý Platonow: Siz az söýýäñiz, az görýäñiz ANDREÝ PLATONOW: SIZ AZ SÖÝÝÄÑIZ, AZ GÖRÝÄÑIZ



*Rus ýazyjysy Andreý Platonow (1899-1951)*

Sosialistik rewolýusiýanyñ ideologiýasyny taýýarlamak üçin Çernyşewskiden Gorkä çenli ussat ýazyjylaryñ eserlerini, Maýakowskiniñ rewolýusion şygyrlaryny, Repiniñ surat eserlerini ulanan teoretikleriñ we praktikantlaryñ rewolýusiýadan soñ edebiýata gelen nesillere garşy ulanan ýaraglarynyñ birem ýene Maksim Gorkiý bolupdy.

Otuzynjy ýyllaryñ başynda bularyñ barsyna düşünen Maksim Gorkiý üçin indi hemme zat gijem bolsa, 1937-nji ýylda dürli milletlerden bolan ýüz müñlerçe intelligentiñ azat pikirleri

sebäpli ölüm jezasyna höküm edilmegi üçin bir süri lýumpen ýetişipdi.
Ine, iň gynançly ýeri-de, XX asyr rus edebiýatynyň iň zehinli ýazyjylaryndan bolan Andreý Platonowyň (1899-1951) otuz ýaşynda ýazan deňsiz-taýsyz powestiniň çap edilmegine garşy çykanam Maksim Gorkidi. Emma edebiýata çemeleşmede tebigy taýdan ideologiýany bir ýana goýup, sa:p dogruçyllygy, esere sarp edilen zähmeti, bildirilýän ynamy hasaba goşanyňyzda, hemmetaraplaýyn kriteriýalara kybap diňe Russiýada däl, dünýä derejesinde-de Platonowa Gorkiden has köp üns berilýändigine şaýat bolarsyňyz.
28-nji awgustda 125 ýaşyny dolduran Andreý Platonowyň ady 17 ýaşyndaka döredijilin işine başlan Woronež şäheri bilen manydaş söze öwrüldi.
2011-nji ýyldan bäri berlip gelinýän Platonow adyndaky baýragyň eýeleri Russiýanyň dürli ugurlardaky iň saýlama döredijilikki adamlarydyr.
Munuň iň geň ýeri-de, Moskwadaky M.Gorkiý adyndaky Dünýä edebiýaty institutynda açylan A.Platonow bölüminiň Russiýada bolşy ýaly, dünýäde-de M.Gorkiden has köp gyzyklanma bildirilýänligi. Edil 1920-1950-nji ýyllaryň SSSR-iniň gol-aýaklaryna gandal urlan edebiýatçysy Mihail Bahtiniň adyny göterýän institutyň Parižde açylyşy ýaly.
Döwrüniň azat pikirli döredijilik adamlarynyň ýoluny baglan diktatorlaryň iň uly goldawçysy şol ýazyjy-şahyrlaryň şahsy bähbidinden başga hiç zadyň pikirini etmedik galamdaşlarydyr. Şonuň üçin ilkinji nobatda şolary näletlemek gerek.
Stalin SSSR-iniň 1937-nji ýylda başdan geçiren ýüz müňlerçe ölüm permanynyň biziň günlerimizde Putiniň Russiýasynda başgarak formada gaýtlanýandygyny görýäris. Azerbaýjanda hem günde-günaşa görýänlerimiziň 37-ni küýsetmeýändigine ynanaýyň!
Ýagdaý şular ýaly dowam etjek bolsa, şu soraglary ýene bir gezek orta atmaly bolýar:
Intelligensiýanyň ýüz müňlerçe wekilini ölüm jezasyna höküm eden Staliniň ady bu gün nälet okamak bilen ýatlanýan bolsa, siz näme üçjn gargyşiňen mahlugyň ýörän ýolundan ýöreýärsiňiz, eý diktatorlar?

Her döredijilik adamsynyñ üstünde guran basyş we ýok ediş maşynyñyzyñ aýlanyp-dolanyp öz başyñyzdan towkynälet bolup asylýandygyny göreñzokmy?
Hamana her jümlesinde «wyždan» diýlen Andreý Platonowa rowa görlen şonça horluklar siziñ wyždanyñyzy oýandyranokmy heý?
Oýandyrmaýan bolsa, onda boýnuñyzdan asylan şol «towkynälet» bilen keýpi-sapaly durmuşda döwran sürüberiñ. Noş bolsun…
Ynha, Andreý Platonowyñ galamyndan dökülen biri-birinden gymmatly jümleleriñ käbiri:

* * *

Men ýaşaýaryn, düşünmeýärin. Siz bolsa pikir edip ýaşamaýarsyñyz we hiç zady görmeýärsiñiz. Hatda adamy uýa ýaly, adagly ýaly aýrylmaz we wepaly söýübem bileñzok. Siz az söýýäñiz, az görýäñiz.

Sungat iñ ýönekeýinden iñ çylşyrymlysyny beýan etmekdir. Sungat suratlandyrmagyñ iñ ýokarky formasydyr.

Kämahal meniñ jemgyýetçilik geljegimiñ bolmadyk, diñe özüm üçin gymmatly geljegim bar. Näme bolanda-da manysyz derejede agyr – hiç hili gözýetim ýok, diñe gury agyr iş, uzyn we sessiz «tambow» (A.Platonowyñ inžener bolup gidip, ýazyjy bolup ýetişen rus şäheri. Platonow hatynda şäheriñ adynyñ baş harpyny kiç ýazyp, özünem goşadyrnaga alypdyr. -M.A.)

«Hekaýa ugrat, ony ugrat, muny ugrat» diýip ýazýarsyñyz. Meniñ ýeke kellämiñ we ýeke ýüregimiñ bardygyny bilýänsiñiz-ä? Men motor ýaly işläp bilemok.

Adamlar pikirleriñ hemmesini öñden toslap tapypdyr. Pikirlerimiziñ hemmesi köne, emma duýgular hemişe täze.

Durmuş meni ýigitlikden mahrum edip, göni çagalykdan garratdy.

Adamlar ýeke özi keselleýändigi sebäpli ölýär, olary söýmäge adam bolmaýar.

Meniñ şahsy pessimizmim bar, optimizm bolsa doly sosial

häsiýetde.

Ýazýan her bir setirim kalbymda parçalanan närseden iýmitlenýär.

Umuman alanda hakyky ýazyjy şol bir şahsyýetde özüni gurban eden we synaglar geçiren adamdyr. Emma bu bilgeşleýin edilýän zat däl, öz-özünden ýüze çykýar. Ýöne bu ýagdaý ýazyjynyň şahsy takdyryny zerre ýaljagam ýeňletmeýär. Ýazyjy gutulgysyz görnüşde gan ýitirýär.

Men iň gowy durmuşyň bosagasynda durun. Çeper döredijilik ösüşde. Meni hemme ýerde öwýärler. Täze dünýä gitdim, aýratyn üns berdiler. «Librettodyr», «Ýepofan geçelgeleriniňem» üsti gyzyl el. Muny nämüçin ýazýaryn? Ine, şundan. Munuň maňa gerek däldigine düşündim. Içimde bir zatlar berk we yza beriji görnüşde üýtgedi.

Görýänimden we duýýanymdan başga hili ýazyp bilmerin. Emma meniň gatlagymyň talap edýän zadyny ýazmalymyş. Men beýle bolmagyny islemeýändigime garamazdan, peýdaly maslahatlar bilen däl-de, «gulagyma pyşyrdap» öwredýärler. Emma horluklara döz gelip we mugallymsyzam öwrenip bolýar.

Men Makara simpatiýa duýup ýazýaryn. Simpatiýa duýmak döredijilikde wyždanly bolmagyň ýoludyr.

Bütin bu zatlaryň netijesinde iň agyr döwürler meniň üstümi basdy. Hiç mahalam meniň üçin bular ýaly agyr bolmandy. Hem men doly ýalňyz. Tanyş-bilişlerimiň barsy galp bolup çykdy, men olara gerek däl ekenim.

Toşa ölüp barýarka-da: «Möhüm, möhüm, iň möhümi» diýýärdi. Ol iň möhüm zady aýtman õlüp gitdi. Şeýdibem iň möhüm zatlar mazara gidýär.

Maýis ALIZADE.

Ýekşenbe, 08.09.2024 ý. Sözler